# 3 TEBIGY BAÝLYKLARY HEMMELER ÜÇIN GORAMAK

Saglyk kynçylyklarynyň ekologik sebäpleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22
Hususy bähbitli gözegçilik saglygymyz üçin zyýanlydyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
Jemgyýetçilik guramalarynyň döredilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25
Durnuklylyk usuly ekologik kynçylyklarynyň öňüni alýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
Ýaşaýyş ulgamyna sarpa goýmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
Tebigat bilen işlemek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
Daşky gurşawyň hapalanmagy zerarly döreýän zyýanyň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . 32
Seresaplylyk ýörelgesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
Dünýä möçberindäki maýlama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

# TEBIGY BAÝLYKLARY HEMMELER ÜÇIN GORAMAK




Biziň we tutuş jemgyýetiň saglygy tebigy baýlyklardan peýdalanyp bilşimize baglydyr. Biziň her birimiz tebigy baýlyklardan peýdalanýarys. Şonuň üçin-de, tebigy baýlyklary goramakda-da, olary saklamakda-da, paýlamakda-da azda-kände ornumyz bardyr.

Gynansak-da, tebigy baýlyklardan hemmeler deň derejede peýdalanyp bilmeýärler. Pukara adamlar bu baýlyklardan az derejede, barly adamlar bolsa köp derejede peýdalanýarlar. Ägirt korporasiýalar, häkimiýetler, ýaragly güýçler bu baýlyklaryň aglaba bölegini öz elinde saklaýarlar. Iň bärkisi, obanyň çäklerinde-de tebigy baýlyklardan pukara adamlar az, gurplurak adamlar bolsa köp peýdalanýarlar. Köp halatlarda pukara adamlar baýlardan “artan” baýlyk ugrunda biri-birleri bilen göreşmeli bolýarlar. Tebigy baýlyklaryň şeýle adalatsyz paýlanylmagy pukara adamlaryň saglygyna uly zyýan ýetirýär.

Hawa, tebigy baýlyklary goramak barada uzakly gün gürrüň etseň edip oturmaly. Emma tebigy baýlyklaryň şeýle adalatsyz paýlanylmagy dowam edýärkä, ekologik saglyk diňe ygtyýary güýçli bolan baýlaryň paýyna düşer. Gününi zordan dolaýan pukaralaryň paýyna mundan hiç zat düşmez. Hindileriň öňbaşçysy Mahatma Gandiniň aýdyşy ýaly, “Hemmeleriň mätäçligini kanagatlandyrmak üçin zat ýeterlikdir. Emma hemmeleriň açgözlügini doýurmak üçin ýeterlik zat ýokdur”.

# Saglyk kynçylyklarynyň ekologik sebäpleri

Saglyk kynçylyklarynyň ekologik sebäplerine şular degişlidir:

- Biziň sagdyn ýaşaýşymyz üçin zerur bolan wajyp zatlaryň – arassa howanyň we suwuň, sagdyn topragyň we tokaýlaryň, howpsuz we amatly jaýlaryň, şeýle hem howpsuz iş şertleriniň **ýetmezçiligi**;
- Bize gerek bolmadyk zyýanly zatlaryň – hapanyň, zäherli himikatlaryň, taşlandylaryň we emeli (kuwwatlylygy güýçli, ýöne ýokumlylygy az bolan) iýmitleriň juda **köplügi**.



Ekwadordaky bolup geçen wakada (1-nji baba ser.) saglyk kynçylyklarynyň döremegine arassa suwuň, hajathanalaryň we baglaryň ýetmezçiligi sebäp bolupdy. Hindistanyň Bhopal şäherinde bolup geçen wakada (4-nji baba ser.) saglyk kynçylyklarynyň döremegine zäherli himikatlaryň artykmaçlygy sebäp bolupdy.

Şu ýokarda agzalan wakalaryň her birinde ekologik saglygy gowulandyrmak üçin degişli çäreleri görmelidi. Bu çärelere esasan-da ýaşaýyş üçin möhüm bolan tebigy baýlyklaryň ýetmezçiliginiň we çendenaşa hapaçylygyň öňüni almaklyk degişlidir. Biz öz ýaşaýan çäklerimizi we tebigy baýlyklarymyzy goramak bilen, öz çagalarymyzyň, agtyklarymyzyň gelejegini goraýandyrys.



## Adamlar köp, baýlyklar bolsa juda az. Eýsem bu dogrudan-da şeýlemikä?

Ýer ýüzünde süýji suwuň, agaçlaryň, gazylyp alynýan peýdaly we beýleki tebigy baýlyklaryň mukdary çäklidir. Şol baýlyklardan peýdalanýan adamlaryň sany bolsa gitdigisaýy artýar. Ýöne esasy kynçylygy döredýän ýagdaý adamlaryň sany däl-de, tebigy baýlyklaryň deň derjede paýlanylman, nädogry ulanylýanlygyndadyr. Käwagt haýsydyr bir adam ýa-da topar tebigy baýlyklardan öz paýyna düşýäni bilen kanagatlanman, olaryň juda köp bölegini öz eline alýar ýa-da daş-töwerekdäki gurşawy juda köp hapalaýar. Bu ýagdaý daşky gurşawyň saglygyna we adamlaryň saglygyna uly zyýan ýetirýär.

**Baý adam garyplygyň we ekologik weýrançylygyň sebäplerini şeýle düşündirýär: “Adamlar juda köp, ýer we tebigy baýlyklar bolsa juda az.”**



**Pukara adamlar garyplygyň we ekologik weýrançylygyň sebäplerini şeýle düşündirýär: “Ýer we tebigy baýlyklar adalatsyz bölünen, mümkinçilikler az sanly adamlaryň elinde.”**




Käbir adamlar daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almak üçin adamlaryň sanyny azaltmaly diýip hasaplaýarlar. Bu pikir “ýurduň ilat sanyna gözegçilik etmek” diýen meýilnama eltýär. Ýöne şeýle meýilnamalaryň biri-de adamlaryň ýaşaýşyny gowulandyrmady. Sebäbi olar ekologik weýrançylygyň, garyplygyň, pukaralaryň saglyk kynçylyklarynyň düýp sebäbine asla üns bermeýärler. Maşgalanyň tebigy baýlyklardan ýeterlik derejede peýdalanmaga mümkinçiligi bolanda, ol sagdyn we bolelin durmuşda ýaşasy gelýär. Şeýle maşgala adatça köp çaga edinmeýär. Jemgyýetçilik toparlar, hökümet we ösüş maksatnamalary çagalaryň janlaryny halas etmegi, aýallaryň durmuş-ykdysady we syýasy hukuklaryny kämilleşdirmegi meýilleşdirseler, “ýer ýüzüniň ilat” meselesi çözüler.

Tebigy baýlyklaryň adalatsyz paýlanylmagynyň meselesini ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň sanyny azaltmak arkaly çözüp bolmaýar. Barly adamlar tebigy baýlyklardan çeni bilen peýdalansalar, olary geljek üçin gorasalar, zir-zibiller çendenaşa artdyrylmasa, daşky gurşawa ýetirilýän zyýany ep-esli azaldyp bolar. Tebigy baýlyklardan peýdalanýanlar olara bolan garaýşyny üýtgetseler, şol baýlyklaryň her bir adamyň saglygy üçin ýeterlik boljakdygyna ynanýarys.

## Hususy bähbitli gözegçilik saglygymyz üçin zyýanlydyr

Ekwadoryň kenarýakasynda ýüze çykan saglyk kynçylygy şol sebitde işlän uly kompaniýa zerarly döredi. Bu kompaniýa tokaý agaçlaryny öz hususy bähbitleri üçin satmak maksady bilen, ýerli ilata pul tölediler. Adamlar bir günde gazanylan pula gyzygyp, tokaýlygyň hemme agaçlaryny çapyp gutardylar. Bu agaçlar bolsa kenarýaka topragy süýşmekden we gaý-tupanlardan goraýardylar. Mundan başga-da, adamlar güzeranlaryny dolamaga kömek edýän tebigy baýlyklary – azyk, odun, dermanlyk ösümliklerini, süýümli ösümlikleri ýitirdiler. Uly tokaý kimin ägirt tebigy baýlygy ýitirip-de, onuň öwezi dodurylmasa, tebigata, eklenmek üçin bu tokaýa bil baglan adamlara, geljek nesillere talaň salmak bilen des-deňdir.

Uly kompaniýalar tebigy baýlyklary: tokaýlary, nebit we suw baýlyklaryny, tohumlary ýa-da adamlaryň zähmetini dolandyranlarynda, bularyň baryny öz hususy bähbitleri üçin ulanýarlar. Olar adamlaryň durmuşyny gowulandyrmak üçin ujypsyz serişdeleri sarp edip, bu tebigy baýlyklaryň ýerli ilaty ekleýändikleri barada pikir-de etmeýärler. Uly kompaniýalar iş ýerlerini we oňat aýlyklary teklip etseler-de, bularyň bary wagtlaýyndyr. Olar tebigy baýlyklary ýurduň daşyna çykaryp, hususy bähbitlerini araýarlar. Şol ýerdäki tebigy baýlyklar gutarandan soň, kompaniýalar şol ýerden gidýärler. Ýerli ilat bolsa öňküden-de beter garyp düşýär.



## Jemgyýetçilik guramalarynyň döredilmegi

Tebigy baýlyklar adalatly we deň hukukly dolandyrylanda, tebigy baýlyklardan peýdalanmak we olary deň derejede paýlaşmak meselesinde hemme adamlaryň ses bermäge hak-hukugy bolýandyr. Adalatly we deň hukukly dolandyrmaklygyň köp görnüşi bar. Ýöne bu görnüşleriň ähli̇si özgerişlikleri gazanmakda bile işlemek üçin adamlaryň bilimlerine we jemgyýetçilik guramalaryna daýanýandyr.

Ekologik saglyk jemgyýetdäki her bir adama degişlidir. Adamlar paýlaşýan tebigy baýlyklaryny goramak üçin hyzmatdaşlyk etmelidirler. Uzak möhletli we arkalaşykly işi alyp barmak üçin, adamlar köplenç jemgyýetçilik toparlaryny ýa-da guramalary döredýärler.

Mergi keseli bütin Ekwadora köpçülikleýin ýaýranda, Salyud Para el-Pueblonyň işgärleri saglygy saklaýyş merkezleri dötetdiler. Olar muny adamlaryň düşünjesini oýarmak we olary herekete çagyrmak üçin etdiler. Mergi keseliniň köpçülikleýin ýaýramagyna berk gaýtawul bermek üçin, saglyk merkezleri ilata bilimi (bedeniň suwsuzlanmagynyň öňüni alýan regidron içgisini taýýarlamak) we hyzmatlaryny (täze hajathanalary we suw ulgamlary gurmak) hödürläpdi. Olar adamlaryň saglygyny dikeldip, olaryň kuwwatlanmagyna ýardam berdiler. Muny amala aşyrmak üçin, olar saglyk öýlerini goldadylar, mekdeplerde, öýlerde we köpçülik ýerlerinde saglyk okuwlaryny geçirdiler. Olar başgalary hem öz toparlaryny we guramalaryny döretmäge höweslendirdiler. Ekologik saglygyň howandarlarynyň we zir-zibilleri gaýtadan işleýän toparlarynyň döredilmegini muňa mysal hökmünde getirip bolar.



Salyud Para el-Pueblonyň işgärleri jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk edip, pul, tehniki endikleri, dermanlar we beýleki serişdeler bilen üpjün etdiler. Olar şol baýlyklaryň oba ýaşaýjylary tarapyndan peýdalanylyşyna we dolandyrylyşyna gözegçilik etdiler. Maksatnamany ýaýbaňlandyrmak babatdaky işleri meýilleşdirmäge we kararlary kabul etmeklige ýerli ilat hem gatnaşdyryldy.

Hökümet adamlaryň esasy mätäçlikleriniň öwezini dolup bilmese, olar gelejekleriniň sagdyn bolmagy üçin Salyud Para el-Pueblo ýaly guramany döretmelidirler. Şeýle jemgyýetçilik toparlary döredilip başlanylanda, hökümet halkyň öňündäki borçlaryny berjaý etmek üçin hereket edip başlaýar.

Hemme adamlaryň tebigy baýlyklar babatdaky mätäçlikleri deň däldir. Mysal üçin, erkekleriň-de, aýallaryň-da, daýhanlaryň-da, tokaýçylaryň-da, mülk eýesiniň-de, senagat pudaklarynyň-da, toprak bilen iş salyşýanlaryň-da, garaz, her kimiň tebigy baýlyklar babatda öz mätäçlikleri bolýar. Mätäçlikleriň dürli-dürli bolmagy jemgyýetçilik toparynda ýa-da guramasynda käwagt agzalalyklaryň döremegine sebäp bolýar. Bu agzalalyklar bolsa öz gezeginde uly kynçylyklary döredýärler. Girdeji babatdaky gysga möhletli talaplar bilen saglyk babatda uzak möhletli zerurlyklaryň arasyndaky deňagramlylygyň bozulmagy meseläni has-da kynlaşdyrýar. Jemgyýetçilik toparlarynyň güýçli guramalaryny gurmaklyk köp wagty talap edýär. Sebäbi mätäçlikleriň dürli-dürlüdigini boýun almaklyk we agzalalyklary aýyrmak käwagt aňsat bolmaýar.

Saglyk babatda uzak möhletli maksady döredip, şonuň ugrunda hyzmatdaşlyk etmek üçin her kime onuň öz ýoluny tapyp bermelidir. Bu kyn dawalary çözmäge we umumy baýlyklary gorajak güýçli jemgyýetçilik guramalary döretmäge kömek eder.

# Durnuklylyk usuly ekologik kynçylyklarynyň öňüni alýar

Durnuklylyk – bu uzak wagtyň dowamynda amala aşýan haýsydyr bir işi goldamaklyk ukyby. Jemgyýetiň talaplaryny kanagatlandyrýan saglyk öýleri ýa zir-zibilleri gaýtadan işleýän merkezleri, ýa tokaý ýaly tebigy baýlyk, ýa sähralar, ýa suw gözbaşlary – tapawudy ýok, olar ýaýbaňlandyrylyp, durnukly usulda peýdalanylmalydyr. Şeýle edilmedik ýagdaýynda ekologik saglyga zyýan ýetirilýär.

Mundan başga-da, durnukly usullar adamlaryň diňe şu günki isleglerini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, gelejekki nesilleriň talaplaryny hem göz öňüne tutýandyr. Daşky gurşaw biziň ýaşaýşymyzyň esasy çeşmesidir. Ol bizi iýdirýär, bize mesgen bolaýr, bizi geýindirýär, suw, kuwwatlylyk we derman bilen üpjün edýär. Şonuň üçin-de, adamlar öz isleglerini kanagatlandyranlarynda, daşky gurşawa mümkin boldugyndan zyýan ýetirmejek bolmalydyr.

Biz özümizi gurşaýan zatlaryň durnuksyz usulda ulanylýandygynyň alamatlaryny ähli zatlarda görýäris. Sagdyn iýmitiň, arassa howanyň we suwuň, ýaşaýyş üçin howpsuz serişdeleriň ýetmezçiligi gitdigiçe artýandyr. Daşky gurşawyň hapalanmagy we zaýalanmagy, tokaýlaryň çapylyp ýok edilmegi, keselleriň sany hem ýylsaýyn artýandyr. Adamlar daşky gurşawdan durnuksyz usulda peýdalansa, özlerine we geljek nesle uly zyýan ýetirýändirler.

Şu kitapda, aýratyn hem beýan edilýän wakalarda, durnuklylygyň käbir esasy ýörelgelerini mysal getirilýär. Wajyp ýörelgeleriň beýany indiki sahypalarda berilýär.



# Ýaşaýyş ulgamyna sarpa goýmak

Tebigat dünýäsi dürli-dürli jandarlardan ybaratdyr. Adamlaryň, ösümlikleriň, haýwanlaryň we mör-möjekleriň dürli görnüşleri **biologiki köpdürlülik** diýip atlandyrylýar. Alymlaryň janly-jandarlara şeýle ylmy adalgany bermezinden ozal hem adamlar öz çagalaryna ýaşaýyş ulgamy hakynda köp gürrüň berýän ekenler. Mysal hökmünde möýüň kerebini alyp göreli. Ol ençeme sapajyklardan ybarat bolup, bu sapajyklar özara birigip, biri-birlerine “garaşlydyrlar”. Biologiki köpdürlüligi düzýän janly-jandarlaryň-da ählisi umumy ýaşaýyş ulgamyna garaşlydyr.

Mysal üçin, adamlar öz saglyklary üçin ýaramly bolan miweleri ýygnaýarlar. Bu miweler mör-möjekleriň agaçlary tozanlandyrmasynyň netijesinde ösýär. Eger baglar tozanlandyrylmasalar, elbetde agaç hasyl bermez. Guşlar mör-möjekleri iýýärler, tilkiler guşlary awlaýarlar. Ýaşaýyş ulgamynyň deňagramlylygy haýsydyr bir araçäkde gülleriň, mör-möjekleriň, guşlaryň we tilkileriň ýeterlik bolmagyny aňladýar. Eger siziň jüýjeleriňizi iýýänligi üçin tilkiler öldürilse, onda guşlaryň sanynyň köpelmegi mümkin. Netijede, olar juda köp mör-möjekleri iýerler. Mör-möjekleriň sany azalsa, baglar ýeterlik derejede tozanlandyrylmaz. Baglar tozanlandyrylmasa, hasyl derejesi peseler.



**Häzir we gelejekde adamzat saglygyny goramak üçin, ýaşaýyş ulgamyny goramalydyr.**

Gynansak-da, her ýyl ösümlikleriň, haýwanlaryň käbir görnüşleri bütinleý ýitýär. Bu ýitip gidýän ösümlikler, haýwanlar öwezini dolup bolmajak baýlykdyr. Olar durmuş ulgamynyň sazlaşykly işlemegine gatnaşyp, adamyň saglygyny goraýardylar.

## Ýaşaýyş ulgamyndaky näsazlyklar täze keselleriň döremegine sebäp bolýar

Biologiki köpdürlüligiň ýitirilmegi, ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriniň azalmagy, olaryň we adamlaryň arasyndaky deňagramlylygyň bozulýandygyndan habar berýär. Bu täze keselleriň döremegine sebäp bolýar. Ine, tokaý ýaly biodürlüligiň ýok edilmeginiň netijesinde täze keselleriň döreýşi barada 2 mysal:

- Afrikanyň şäherleri we ekin meýdanlary üçin tropiki agaçlaryň çapylyp aýrylmagy peşehorda (leýşmanioz), sary gyzzyrma we uky keselleriniň ojaklarynyň döremegine sebäp boldy. Bu keseller mör-möjekler arkaly ýaýrap, suwuň topraga siňmän, ýata suwlaryň emele gelen ýerlerinde döreýär. Tropiki tokaýlaryň çapylyp aýrylmagy şol sebitlerde ýaşaýan haýwanlary hem mesgenlerinden mahrum etdi.
- Demirgazyk Amerikada köp sanly agaçlaryň çapylmagy ak aýakly syçanlaryň iýmitiniň artyp, olaryň köpelmegine sebäp boldy. Ak syçanlar juda köpelensoň, olary iýýän haýwanlaryň sany olara garanyňda azaldy. Ak syçanlar Laýma atly tropiki keseli ýaýradyp, bu keseliň köp adamlara ýokuşmagyna sebäp boldy.

## Derman ösümlikleri biologiki köpdürlülige garaşlydyr

Dermanlaryň köpüsi ösümliklerden taýýarlanýar. Tokaýlar çapylyp, derýalar we batgalyk ýerler guranda, biz ösümlikleriň köpüsini ýitirýäris. Munuň bilen birlikde saglyk üçin peýdaly bolan şol ösümliklerden nädip peýdalanmalydygy baradaky maglumatlary hem ýitirýäris. Biz biodürlüligi we ýaşaýyş ulgamyny goramak arkaly öz medeniýetimizi, bejergi usullarymyzy goraýandyrys.





## Sagdyn berhiz biologiki köpdürlülige garaşlydyr

Gowy saglyk azyk önümleriniň, ýagny miweleriň, gök we däneli önümleriň, ýabany azyk önümleri bolan ir-iýmişleriň, balyklaryň we guşlaryň köpdürlüligine baglydyr. Biz biologiki köpdürlüligi ýitirenimizde, sagdyn berhiz üçin zerur bolan azyk önümleriniň köpüsini ýitirýäris. Azyk ýetmezçiliginiň netijesinde jemgyýetde saglyk kynçylyklary döräp başlaýar. Salyud Para el-Pueblonyň saglyk gullugynyň işgäri Gloriýa ýaşaýyş ulgamynyň manysyna düşünipdi. Balarylary bal öndürmek üçin gülleýän agaçlara mätäçdir. Gülleýän agaçlar tozanlandyrylmaklary üçin balarylaryna mätäçdir. Adamlar balarylary tutup, baglary ýetişdirip, hem özlerini azyk bilen üpjün edýärler, hem-de ýaşaýyş ulgamyny dikeldýärler.

## Biologiki köpdürlülik hasyllylygy gowulandyrýar

Däneli azyk ekinleriň ählisi, şol sanda şaly, mekgejöwen, bugdaý mundan müňlerçe ýyl ozal ýabany ösümliklerden ýetişdirilip alnypdy. Bu däneli ekinleriň gowy hasyl bermegi mör-möjeklere we haýwanlara baglydyr.

Uly maşynlary we zäherli himikatlary ulanýan oba hojalyk senagaty ýokary hasyllylygy wada berýär. Ýöne bu himikatlar peýdaly ösümlikleri we mör-möjekleri ýok edip, topragy zaýalaýarlar. Eger hasyllylyk artaýanda-da, bu diňe bir ýylyň dowamynda bir görnüşiň hasylyna degişlidir. Birnäçe ýyldan bolsa saglyga gerek bolan azyk önümleriniň görnüşleri kem-kemden azalýar.



**Durnukly usulda ýöredilýän oba hojalygy biologiki köpdürlülige bagly bolup, ony goraýandyr.**

Daýhanlar oba hojalygyny ýöretmekde durnukly usullardan peýdalansalar, däneli ekinleriň hasyllygyny artdyryp, zyýanly mör-möjekleriň täsirini azaldyp bilerler. Bu usullar mör-möjekleriň we haýwanlaryň ýaşamagyna mümkinçilik berýär, topragy tebigy dökünler bilen baýlaşdyrýar, agaçlar we ösümlikler arkaly topragy goraýar (15-nji baba seret).

Hasylyň dürli-dürli bolmagy azyk önümleriniň ýagdaýynyň gowulanmagyny we adamlaryň sagdyn bolmagyny üpjün edýär.

## Biologiki köpdürlülik tebigatyň suw baýlyklaryny goraýar

Tokaýlaryň azalmagy we oba hojalygynda senagat usullarynyň ulanylmagy topragyň guraklanmagyna, derýalaryň guramagyna sebäp bolýar. Himiki dökünler we pestisidler toprak arkaly ýerasty suwlara aralaşyp, derýalary we kölleri hapalaýarlar.

## Biologiki köpdürlülik jemgyýeti goraýar

Ýaşaýyş üçin zerur bolan serişdeleriň köpüsi tebigy baýlyklardan peýdalanmak mümkinçiligine baglydyr. Tebigy baýlyklaryň ýitirilmegi garyplyga uçradýar. Oba hojalygy bilen meşgullanylýan welaýatlarda oba hojalygyň senagat usullarynyň ulanylmagynyň netijesinde käbir adamlar bergidarlara öwrülýärler, käbirleri bolsa mülklerini ýitirýärler.

## Ýaşaýyş ulgamyny dikeltmek

Ýaşaýyş ulgamyndaky janly-jandarlaryň ölmegi köp zatlara, şol sanda adamlara-da täsir edýärler. 1-nji bapda gürrüň beren wakamyzda, Manglaraltonyň adamlary tokaýlary çapyp gutaransoňlar, azyk we girdeji çeşmelerini ýitirdiler. Apy-tupan turanda, olar öýsüz galdylar. Ýöne olar gaýtaýdan agaç ekip, tokaý zolaklaryny dikeldip başlanlaryndan soň, munuň diňe toprak pytramasynyň (eroziýanyň) öňüni almak we bal öndürmeklik bilen çäklenmeýändigine göz ýetirdiler. Olar tokaý zolaklaryny dikeltmek bilen ägirt işi amala aşyrandyklaryna düşündiler. Sebäbi ekilen agaçlar topragy sagdynlaşdyryp, şol sebitdäki janly-jandarlaryň, mör-möjekleriň ýaşaýşyny gowulandyrdy. Bularyň netijesinde şol sebitde ýaşaýan adamlaryň saglygy we durmuş ýagdaýlary oňatlaşdy.




## Tebigat bilen işlemek

Tebigatda hiç zat biderek sarp edilmeýär. Her zadyň öz ulanylýan ýeri we maksady bardyr. Tebigat özündäki baýlyklary “galyndysyz”, ýagny aýlanyşyk usulynda ulanýar. Emma, gynansak-da, adamlar we ösen senagat bu tebigy aýlanyşygy bozýarlar. Munuň netijesinde ekologiýa erbetleşýär. Bu bolsa öz gezeginde keselçiligiň artmagyna sebäp bolýar. Tebigy aýlanyşygyň bozulmagynyň netijesinde ýüze çykan ekologik meseleleriň biri hökmünde dünýä möçberindäki maýlamany mysal getirip bolar.



**Bulut ýagşa öwrülip, ýere ýagýar...**
**Suw bugaryp, bulutlary emele getirýär...**

## Durmuşda tebigy aýlanyşyklar usulyny saklamak




Filippinlerdäki ekologik saglygyň howandarlary şeýle diýýärler:

“Toprakdan önýän zatlaryň ýene-de topraga dolanmagy örän wajypdyr. Muňa düşünip, tebigata ýardam bermegimiz örän wajypdyr. Biz tebigata ýardam bermek arkaly tebigy baýlyklarymyzy we saglygymyzy gorap bileris. Biziň öz öýlerimizde, jemgyýetimizde, iş ýerlerimizde döredýän aýlanyşyklarymyz ekologiýanyň, ýagny daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmak ugrunda edýän kiçijek ädimlerimizdir. Mysal üçin, topraga dökün bolaýjak zatlary dökün etmek, aýna çüýşeleri we demir gaplary mümkin boldugyndan birnäçe gezek ulanmak ýa-da olary ikilenç işläp öndürmek ýaly işler bize tebigat aýlanyşygynyň usulyny saklap, zir-zibilleriň juda artmagyndan gorar”.

## Tebigy aýlanyşygynyň usulyny senagatda ulanmak




Filippinlerdäki ekologik saglygyň howandarlary ýene-de şeýle diýýärler:

“Iri senagat iň zäherli hapaçylygy döredýändir. Ýöne tebigat aýlanyşygynyň usulyny senagatda-da ulanyp bolýar. Mysal üçin, senagat **arassa önüm** diýip atlandyrylýan önümçiligiň dowamynda kuwwatlylygy we materiallary ikilenç ulanyp bilýär. Daşky gurşawy sagdyn saklamak ugrunda senagatyň etmeli ilkinji ädimi – öz önümçiliginiň netijesinde emele gelýän galyndylary yzyna ýygnap almakdan ybarat. Eger bu galyndylar zyýanly himikatlar bolup, olary gaýtadan işläp, ulanyp bolmaýan bolsa, onda bu zyýanly galyndylary daşky gurşaw üçin howpsuz usulda ýok etmelidir. Şeýle zäherli himikatlaryň senagatda ulanylmagyny kem-kemden azaldyp, olary ulanyşdan bütinleý aýyrmalydyr. Eger senagat gelejekde-de öz ornuny mäkäm saklajak bolsa, ol özüniň zyýanly galyndylaryndan gazanyljak girdejilerine däl-de, hemmeleriň saglygyny kepillendirip biljek howpsuz çärelere esaslanmalydyrlar”.




**Senagat tebigy baýlyklary çäklije ulanmak, önümçiligiň netijesinde emele gelen zir-zibillerini gaýtadan işlemek we olary ikilenç ulanmak arkaly biziň saglygymyza täsir edýän daşky gurşawy arassa saklap bilýär.**

## Daşky gurşawyň hapalanmagy zerarly döreýän zyýanyň öňüni almak

Daşky gurşaw adamlaryň işiniň, aýratyn-da senagat, ulag we oba hojalalyk pudaklarynyň işiniň netijesinde emele gelýän zäherli maddalaryň çendenaşa köp bolmagy zerarly hapalanýar. Bu bolsa öz gezeginde adamlaryň we daşky gurşawyň saglygyna zyýan ýetirýär. Zäherli galyndylar daşky gurşaw arkaly howada, suwda, toprakda “gezýärler”. Zyýanly galyndylaryň köpüsi biziň gündeki ulanýan zatlarymyzyň netijesinde döreýär. Adamlar adatça, ine, şu ýollar arkaly zäherli taşlandylara sezewar bolýarlar:

- **Ýangyndan döreýän tüsse**, aýratyn-da plastik jisimleriň ýanmagyndan döreýän tüsseler. Biz zäherli tüsseden dem alýarys, zäherli kül bolsa biziň agyz suwumyzy, topragymyzy we hasylymyzy zaýalaýar.
- **Fabriklerden gelýän tüsse** howany, suwy we topragy zaýalaýar.
- Fabriklerde, gazylyp alynýan magdan senagatynda, nebit burawlamasynda ulanylýan **himikatlar**; bu senagat pudaklarynyň zyýanly galyndylary suw çeşmelerine taşlananda, olar howany we topragy hapalaýar.
- Azyk önümleriniň, suwuň, öýde ulanylýan zatlaryň töwereginde **pestisidleriň** pürkülmegi. Olar pürkülende howanyň üsti bilen ýaýrap, uly zyýan ýetirýärler.
- Batareýleri, reňkleri, boýaglary we elektron enjamlary öndürmekde ulanylýan **himikatlar**. Bu himikatlar elektron enjamlaryň önümçiliginde işleýän adamlara uly zyýan ýetirýändir.
- **Awtoulaglaryň tüsseleri** howany, suwy we topragy zaýalaýar.

Zäherli taşlandylar diňe bir çykýan ýerlerinde däl, ondan uzakdaky ýerlerde hem adamlara, ösümliklere we haýwanlara düýpli zyýan ýetirýärler. Taşlandylaryň we zäherli maddalaryň zyýanyndan goranmak durnuklylygyň wajyp bölegidir (42, 368, 410 we 440-njy sah.ser; 14, 16, 20, 23-nji baplara ser.)

## Seresaplylyk ýörelgesi

Uly kompaniýalar we kärhanalar täze önümleriň, uly girdejiniň gözleginde bolup, tebigatda hiç haçan bolmadyk müňlerçe himikatlary işläp taýýarladylar. Bu himikatlaryň köpüsi olaryň howpsuzdygyny subut etmek üçin degişli barlaglardan geçirilen däldir. Emma muňa garamazdan, bu himikatlar biziň satyn alýan harytlarymyzyň önümçiliginde giňden ulanylýar. Adamlar ol himikatlaryň zyýanlydygyna güman etseler-de, anyk subutnamalaryň bolmadyk ýagdaýlarynda olary ulanmagy dowam etdirýärler. Jemgyýetçilik toparlarynyň käbir ýolbaşçylary we alymlar durmuş şertleri babatdaky çözgütleri kabul edenlerinde, seresaplylyk ýörelgesinden ugur alýarlar. Olar: **“Haýsydyr bir zatlaryň zyýanlydygy barada gönüden-göni subutnamasy bolman, zyýanlydyr diýip güman eden ýagdaýymyzda, töwekgellik etmän, şol zatlardan gaça durmak gerek”** diýip aýdýarlar. Emma gynansak-da, köp ýurtlar bu seresaplylyk ýörelgelerine eýermeýärler. Häzirki döwürde siz haýsydyr bir zyýanly zadyň ualanylmagyny togtatjak bolsaňyz, ilki bilen şonuň zyýanlygyny subut etmäge mejbursyňyz. Biz şeýle ýagdaýy “Öli bedenler ýörelgesi” diýip atlandyrýarys.

# Dünýä möçberindäki maýlama

Bütin dünýäde ýaşaýyş ulgamy dargap barýar. Tokaýlaryň çapylyp aýrylmagy, howanyň we suwuň hapalanmagy, janly tebigatyň ýitirilmegi – bularyň hemmesi mese-mälim görünýän üýtgeşmelerdir. Taşlandylar zerarly atmosferanyň ýylylyk derejesiniň artmagy bolsa assyrynlyk bilen bolýan üýtgeşmelere degişlidir.

**Tutuş ýer ýüzünde atmosferanyň ýylylyk derejesiniň artmagy** dünýä möçberindäki mesele bolup, köp ýerlerdäki **klimatyň** (belli bir ýerde uzak wagtyň dowamynda bolýan howa şertleri) üýtgemegine sebäp bolýar. Howanyň ýylylyk derejesiniň ujypsyz artmagy-da klimaty düýpgöter üýtgetmegi ahmal. Ýer ýüzüniň käbir ýerlerinde uly suw joşgunlary, gaý-tupanlar tursa, başga ýerlerinde ýagynlar az ýagyp, güýçli gurakçylyklar ýüze çykýar. Tutuş ýer ýüzünde atmosferanyň ýylylyk derejesiniň artmagy zerarly klimat üýtgeýär. Munuň netijesinde bütin dünýäde tebigy betbagtlyklar ýüze çykýar, adamlaryň saglyk ýagdaýy erbetleşýär.

- Suw joşgunlary, uly apy-tupan we gurakçylyk hasylyň ýitirilmegine, açlyga, jaýlaryň ýumrulmagyna, köpçülikleýin göçüşlere, ýaralanmalara we ölüme sebäp bolýarlar.
- Keselçilik beterläp ýa-da ýaýrap başlaýar, sebäbi klimatyň üýtgemegi haýwan kesellerini ýokuşdyrýan mör-möjekleri getirýär, olaryň başga ýerlere-de göçüp-gonmagyna mümkinçilik berýär.
- Ýokary derejeli ýylylyk kesselleriň we ölümiň artmagyna getirýär.

## Dünýä möçberindäki maýlamanyň ilkinji sebäpleri

Daşky gurşaw adamlaryň we senagatyň taşlandylaryny özüne siňdirip bilýär. Emma daşky gurşawa zyňylýan taşlandylaryň juda köp bolan ýagdaýlarynda, Ýer togalagy olary siňdirip bilmeýär. Soňky ýüz ýylyň içinde adamlar gazylyp alynýan ýangyçlary: nebiti we kömri çykaryp, olary ýakyp başladylar. Munuň netijesinde daşky gurşawa zyňylýan taşlandylaryň möçberi artdy. Bu dünýä möçberindäki maýlamanyň ilkinji sebäbidir. Mundan başga-da, önümçilik üçin öndürilen himikatlar howany zaýalayp, daşky gurşaw tarapyndan siňdirilip bilmeýär. Bu bolsa öz gezeginde atmosferanyň ýylylyk derejesiniň artmagyna sebäp bolýar.

Tebigy baýlyklary adalatsyz paýlap, olardan durnuksyz usulda peýdalanmaklyk dünýä möçberindäki maýlamanyň ýene-de bir sebäbidir. Amerikanyň Birleşen Ştatlary ýaly baý döwletler tebigy baýlyklary çendenaşa köp peýdalanyp, uly girdeji hem ýokary ýaşaýyş derejesini gazanmak üçin köp taşlandylary döredýärler. Munuň netijesinde bolsa atmosferanyň ýylylyk derejesi artýar. Pukara ýurtlar hem şeýle durnuksyz ýörelgä eýerip başlanlarynda, Ýer togalagyna bu taşlandylaryň hötdesinden gelmek has hem agyr düşýär. Dünýä möçberindäki maýlama zerarly döräp biläýjek kynçylyklaryň we tebigy betbaglyklarynyň öňüni almak üçin, ösen ýurtlar-da, ösüp barýan ýurtlar-da tebigy baýlyklary ulanmak babatda öz garaýyşlaryny üýtgetmelidirler. Dünýädäki ýurtlaryň hemmesi tebigy baýlyklary ulanmakda durnukly usullardan peýdalanmalydyrlar. Bu aýratyn hem gazylyp alynýan ýangyçlara degişlidir. Adamlar gazylyp alynýan ýangyçlary ulanmagy bes edip, energiýanyň has arassa gözbaşlaryndan peýdalanyp başlamalydyrlar (23-nji baba ser.)

